# Ekber Nejep

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ekber Nejep

EKBER NEJEP

Ekber Nejep, azerbaýjan taryhçysy, terjimeçi.
Ekber Nejep (Əkbər Nəcəf) 1975-nji ýylda Azerbaýjanyň Neftçala raýonynda doguldy.
Neftçala raýonynyň Astanly oba mekdebini 1992-nji ýylda okap tamamlandan soňra 1993-nji ýylda Türkiýäniň Ankara uniwersitetiniň türk dili fakultetini, 2008-nji ýylda bolda Stambulyň Marmara uniwersitetiniň taryh fakultetini okap gutardy.
Ekber Nejep häzirki wagtda Azerbaýjanyň Milli Ylmy-barlaglar assosiasiýasynyň (AMAA) taryh boýunça gözlegler bölümine ýolbaşçylyk edýär.
Ekber Nejep Türkmenistandaky türkmenler barada türkmen alymy Ahmet Annaberdiýew bilen bilelikde ýazylan "Zakaspi türkmenleri" ("Hazar ötesi türkmenleri") kitabynyň hem awtorydyr. Şeýle hem belli türkmen taryhçysy Sergeý Agajanowyň "Oguzlar" we "Seljuklar" atly kitaplaryny türk diline geçirdi.

■ Ylmy eserleri

1). "Hazar ötesi türkmenleri" (A.Annaberdiýew bilen bile). Stambul-2004, "Kaknüs" neşirýaty;
2). "Garahanlylar", Stambul-2005, "Selenge" neşirýaty;
3). "Şa Ysmaýyl Hataýynyň Külliýaty (Babek Jawanşir bilen bile), Stambul-2006, "Kaknüs" neşirýaty;
4). "Seljuk döwletleriniň we atabeglikleriniň taryhy" (Oguzlar orta çykmagyndan XIV asyra çenli", Baku-2010;
5). "İnanc yaddaşı" (Köklər və tarixlər), Bakı, Qanun-İzmedia, 2013.
6). Hun minilliyi (b.e.ə IV – b.e. VI əsrlərdə türk dünyası). Bakı, TEAS Press nəşriyyatı, 2015

■ Terjime eserleri

1). S.Agajanow "Oguzlar" Stambul-2003, "Selenge" neşirýaty;
2). S.Agajanow "Seljuklar". Stambul-2007, "Ötüken" neşirýaty;
3). J.Hasanly. "Sowuk urşuñ birinji çaknyşygy: Eýran Azerbaýjany" Stambul-2008, "Bağlam" neşirýaty;
4). M.Kasymly "Azerbaýjan türkleriniñ milli göreşi (1920-1945). Stambul 2008,
"Kaknüs" neşirýaty;
5). I.Mehmetow "Kawkazyñ syýasy we etniki gurluşy: Azerbaýjan gadymy döwürden häzirki wagta çenli" Stambul-2009, "Ötüken" neşirýaty.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly